# Wirus bilen arañyza çäk goýmagyñyz ýeterlik däl, jahyl batyrgaýlygy bilenem arañyza çäk goýuñ!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Wirus bilen arañyza çäk goýmagyñyz ýeterlik däl, jahyl batyrgaýlygy bilenem arañyza çäk goýuñ! WIRUS BILEN ARAÑYZA ÇÄK GOÝMAGYÑYZ ÝETERLIK DÄL, JAHYL BATYRGAÝLYGY BILENEM ARAÑYZA ÇÄK GOÝUÑ!

– Kişiniñ jahyllygy (nadanlygy, kütekligi) näçe galyñ bolsa, ugur-utgasyzlygy näçe uly bolsa, şonça-da özüne göwnüýetijiligi uly bolýar;

– Dogry maglumatlaryñ üstüne atanak çeker;

– Ha kosmos gämisi bolsun, ha uran rezerwi, gürrüñ näme barada bolsun bolsun – tapawudy ýok, hemme zady hemmelerden gowy bilýändirin öýder;

– Hakykaty ýüzüne bazyrdadyp bas, barybir özüniñ köre-körlük bilen ynanýan zadyndan başga zada ynanmaz;

– "Nato kafa nato mermer",* bir ýerde professor bar bolsa hemmesi üýşüp, ýigrimi dört sagatlap gep düşündirsinler, barybir, peýdasy bolmaz, şunça sagatlap düşündiren zadyñ edil ýöne eşegiñ gulagyna "Ýasyn" okan ýalydyr, ol ýene öz bilenini okar;

– Özüni wezipeli orunlaryñ hemmesine laýykdyr öýder. Ylym-bilim, mynasypmy-dälmi, taýýarlyklylyk – bu zatlar onuñ piñine-de däl. Haýsy kürsüni görkez, ölüp ýeten ýaly şobada ýapyşar ýatar;

– Özi bilen pikirdeş dälleriñ hemmesi onuñ gözünde ýalñyş ýoldadyr;

– Bir bellän pikirini tutar ýatar, emma pikire pikir bilen garşylyk berip bilmejegini bilýändigi üçin özi bilen pikiri deñ gelmeýäniñ üstüne heñkirer, sögüner, gargynar;

– Hiç bir mesele babatda dynnym ýaljak taýýarlygy bolmasa-da, her meselede hemme ähtimallygy öñünden ölçerip goýan ýaly hereket eder;

– Özünden güýçlä ýallaklar, özünden ejize ganymlyk eder;

– Şu gün "ak" diýen zadyna, erte gaşynam çytman, ýüzünem üýtgetmän "gara" diýendigine ant içer;

– Saturn saýýarasy geläge-de, Ýer togalagyna urulsa, hemmeleriñ görüp duran zadyny özi-de görüp duran bolsa, "men-ä hiç zadam göremok" diýer, sizi-de öz pikirine boýun egdirjek bolup synanşar, eger onuñ pikirine boýun egmeseñiz, sizi ýalançylykda, hakykaty ýoýmaklykda aýyplar;

– Ömründe ýeke gezek haýsam bolsa bir ugurda gazanan üstünligi bolmasa-da, özüniñ ulalyp oñalmadyk biridigini asla boýun alasy gelmez;

– Her bir döräñ mümkinçilikde her gezek ýalñyş pikir ýöredip, öz saýlap alan ýoly sebäpli ýalñyş netijeleri gazansa-da, añynda pikir-netije baglanşygyny aýlap bilmez.

Muña "Dunning-Kruger sindromy" diýilýär. Ýagny, "jahyl batyrgaýlygy"!
Serediñ…
"Gezici" pikir soralşyk-barlaglar şereketi koronawirus pandemiýasy boýunça pikir soralşyk geçirdi.
Her on adamdan dördüsiniñ bu kesele garşy hiç hili taýýarlygynyñ ýokdugy orta çykdy.
"Näme üçin öñünden gamyñyzy iýeñzok?" diýip soradylar.
Iki dürli jogap bar…

Birinjisi, “yakynda dep bolup gider” diýýärler.
İkinjisi, “maña hiç zat bolmaz” diýýärler.
Hawa, her on adamdan dördüniñ ýagdaýy şeýle.
Diýmek, biziñ wirus bilen aramyza çäk goýmagymyz ýeterlik däl!
Bular ýaly adamlar bilenem arañyza çäk goýuñ.
Çünki, koronawirusyñ merkezi ojaklarynyñ birine öwrülmeris diýip umyt etsegem edýäris welin… zyrrajymjahyl batyrgaýlygynyñ dünýä boýunça alanda merkezi ojagydygymyz görnüp duran zat!

★★★

*“Saba säher bilen 07:30-da gelýärler kofe reñkli gözenekler bilen örülen penjiräme… Meni oýandyrýançalaram jürküldeşip bir ýerde duranoklar.*
*Turmasam jürküldilerini hasam gataldýarlar.*
*Elbetde, barybir meni oýandyrýarlar.*
*Galkyp düýn agşamdan taýýarlap goýan çörek owuntyklarymy penjiräniñ öñüne sepeleýärin. Janawarlar nirä sepelejegimem bilip, gözleri bilen sypdyrman elimiñ hereketini synlaýarlar. Menem egnime penjegimi atynyp, arkamy suwaglary gopan diwara ýaplap olary synlap başlaýaryn.*
*Guşlar nähili öwrenişipdir, öwrenişdirilipdir…*

* * *

Biziñ üstümizden häkimlik sürýänlerem bizden edil şuny isleýärler.
Näme diýseler ynanyp, soragsyz-sowalsyz öwrenişmegimizi isleýärler.
Öwrenişesimiz gelmän, garşy çykjak bolan wagtymyzda özümizi ýa-ha ýörite gurnalan bir oýunyñ içinde, ýa-da başgarak hilli emeli dawanyñ içinden tapýarys.

* * *

Ýörite gurnalan emeli dawa bolan "Ergenekon" derñew prosesinde 11 ýyl azatlykdan mahrum edilme jezasy bilen jogapkärçilige çekildim.

Işim elden gitdi.
Ene-atam, maşgalam derde galdy.
Her kes ýadamagyma, öwrenişmegime garaşdy.
Ýadamadym, öwrenişmedim.
Ýazmaga, hakykatlary beýan etmäge dowam etdim.
Mañlaý derini döküp gazanan bäş-üç manadynyñ salgydyny töleýän halkyñ pulunyñ nirelere harç edilýändigininiñ, kimleriñ kisesine girýändigininiñ yzyny çaldym.
Resmi maglumatlary we öz anyklan maglumatlarymy tarapsyz şekilde köpçüligiñ dykgatyna ýetirdim.
Ýetirip oñaýmadym, düşündirdim.
Jogapkär işgärleri bu boýunça iş geçirmäge çagyrdym.
Milliardlarça lirany jantaýyna uranlar "señ bu ýazýanlaryñ ýalan" diýmän, gaýtam "biziñ mertebämizi peseltdiñ" diýip, üstümden arz-şikaýat etdiler.
Tanyş-bilişlerim maña nebsi agyryp, "aryñ öýjügine çomak sokýarsyñ, bu harap dünýäni sen düzederin öýdýäñmi?" diýip, meniñ döwre görä bolmagymy ündediler, öwrenişdirjek boldular.
Öwrenişmedim…
Ýaşaýan jaýynyñ kireý tölegini banka goýandygy üçin tussag astyna alnan daýzany we edil şol bankdan millionlarça dollar kredit alyp ýali** satyn alanlar bilen bile hereket edýänleriñ barlygyny görüp durkam, nädip öwrenişip bilerin, nädip döwre görä bolaýyn men?
Urfanyñ 10° sowugynda aýagy şypbykly garyñ içinde mekdebe gatnaýan çaganyñ gözündäki alaçsyzlygy we diñe syýasy tarapdar bolandygy üçin alan pulunyñ hasabyna çagasynyñ dişiniñ çykandygy üçin köşk banketläp toý edýänleri görüp, men nädip dymaýyn?
Diñe 10-15 liralyk gündelik çörek puly üçin käşir ýygmaga Konýa gelen, gar ýagandygy üçin ýygyp bilmän gapysy-penjiresi ýok hañlap duran öýe sygynan, dañ atýança sowukda doñup ölen Mawy Eşmäniñ kyrk günlük bäbejigi häzirem gözümiziñ öñünden gidenok…
Ýeri onsoñ, diñe iki minutlyk wideorolik üçin 6 million lira alýanlaryñ bar bolan jemgyýetine nädip öwrenişmeli?
Näçe ýyl bäri respublikamyzyñ ynkylaplaryny ýok etmek üçin her

dürli pyssy-pyjurlygy edýän, kontrrewolýusiýanyñ emellerine ýetmek üçin çagalaryna taýýarlap goýan wezipeli orunlaryny, olara peşgeş berilen halkyñ baýlygyny, añyrlaryna basyp goýan gaznalaryny görüp-bilip durkamam, nädip ýazmaýyn? Nädip öwrenişeýin men bulara?

* * *

Bulary ýazandygym, paş edendigim üçin etmedik günämden aýyplanyp ýene tussag astyna alyndym.
Sebäbi öwrenişmedim.
Öwrenişmedik.
"Eýle bolmaly däl, beýle bolmaly" diýdiler… Indi bolsa, sosial medýada ýazan ýekeje ýazgym üçin, diñe şehitlerimize gahryman diýendigim üçin tussag astyna alyndym we suduñ höküm çykarjak gününe garaşyp ýatyryn.

* * *

Zyýany ýok…
Men barybir öwrenişmerin.
Olaryñ isleýşi ýaly “-myş”, “-miş” žurnalistligini edip biljek däl.
Men bularyñ tersine, ýoksulyñ pulunyñ hasabyny soraýan respublikan ynkylaplara wepaly žurnalist bolmagyna dowam ederin.

* * *

Guşlar birdenkä asmana galdy.
Çünki hemişeki wagtda ir säher bilen gelýän türme gözegçileriniñ aýak sesi eşidildi.
Olaryñ yzyndan garap galýaryn.
Gök asmany tor kimin gurşap alan tokly simleriñ biriniñ üstüne gonup, synlamaga başlaýarlar.
Meniñ bilen ümmüldeşmegem ýatdan çykaranoklar.
Hemme zady bilip durlar özem, eýgörmüşler.
Öwrenişip gidipdirler…
Siz bir öwrenişmäñ.

Ýylmaz (Özdil) agama bendilikden erkin salamlarymy göndermerýärin…

Myrat AGYREL,
Siliwri, 9-njy belgili türme, C-18”

★★★

Hawa…
Bu – Türkiýäniñ iñ mertebeli, iñ ygrarly žurnalistlerinden Myrat Agyreliñ size – hormatly okyjylarymyzyñ dykgatyna ýetirmegi üçin maña ugradan haty.
Myrat Agyrel, Baryş Pehliwan, Baryş Terkogly, Hülýa Kylynç ýaly kärine wepaly halal çörek iýen ussat žurnalistleri Siliwride karantin astynda saklaýarlar.
Izolirlemäge çalyşýarlar.
Edil koronawirus melamatynda bolşy ýaly, hakykatlary maskalamak arkaly bize näme diýilýän bolsa, diýilýänlere pikirlenmezden eýermegimizi, boýun sunmagymyzy, bolup geçýän zatlara dem-düýtümizi çykarmazdan öwrenişmegimizi isleýärler.
Öwrenşäýmeris!
Egindeşlerimiz azatlyga çykýançalar, gazetimiziñ bu sahypasy olar barada bolar…
Dünýä metbugatynyñ taryhynda wirus bilen arasyna çäk goýan ilkinji we ýeke-täk gazet bolan "Sözjüniñ" sahypalary olar üçin hemişe gujagyny gerer durar.
Türkiýänin süññüne aralaşan wiruslary ýok etmegiñ ýeke-täk ýoly bar, olam – ygrarly žurnalistleriñ azat galamydyr.
Hakyky habar ýaly täsirli dezinfeksiýa, hakyky habar ýaly ak bilen garany seljerip bilýän zat henize çenli bolmandy, bolmazam!

Ýylmaz ÖZDIL.

26.03.2020 ý, "Sözcü" gazeti.

---

* "Nato kafa nato mermer" – haýsam bolsa bir meselede dürli-dürli görnüşde düşündirilse-de, gürrüñi gidýän meselä

düşünmeýän kejeňek adamlara aýdylan bu jümle türkçä rum dilinden geçipdir.
"Nato Kafa Nato Mermer" – rumlaryň "Na to kefari, na to mermari" görnüşinde ulanan jümlesidir. "Na" – ine, ynha, "Kefari" – kafa (kelle) we mermari (mermer) manylaryny berýär. "Ine" sözüniň manysy wagtyň geçmegi bilen "Na" (ine) we iňlis dilindäki "the" goşulmasy ýaly ulanylan "To" bilen birigip, "Nato" sözi emele gelipdir (bu sözüň NATO halkara guramasynyň ady bilen hiç hili baglanyşygy ýokdur).

** Ýali – iki tarapyny deňiz gurşap duran owadan kottežler, köşgi-eýwanlar.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Publisistika